# Şähryslam / taryhy hekaýa

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şähryslam / taryhy hekaýa ŞÄHRYSLAM




Gürrüň ajal bilen bäsleşip, tas dünýäniň üçden bir bölegini basyp alan, otuz üç ýyllap ýüzünde ýylgyrma diýlen alamat görülmedik, rehimsiz basybalyjy, kösleriň atlandyryşy ýaly, Çingiz han – Timuçin hakda. Onuň hiç haçan geçirimlilik etmäni bilmeýän, birehim mongol gylyjynyň şowurdysy hakda. Älemi Sarsdyryjynyň permanyndan boýun towlan ýönekeý atbakar Gähel hakda. Hemme söweşlere çydan, ýöne namysa çydam edip bilmedik oguz aty hakynda.
Eger şol elhenç söweşi öz gözi bilen gören adamyň eli galam tutýan bolsa, onuň ýuwuş galamy tolgunmadan ýaňa titräp, şeýle sözleri ak kagyzyň ýüzüne geçirer. «Olaryň hemmesi – ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşa çenli ählijesi uly dünýe bilen hoşlaşdy. Ýöne ýekejesem aman dilemedi».
Soň ol ýene şeýle ýazar: «Owadan şäher – Şähryslam ýedi günläp burugsap ýandy. Soň sähralaryň şemaly tütünleri daglara siňdirdi. Şondan bärem olaryň matam tutup garalyp oturyşlary».
Şol gün oguz ili uly söweş etdi. Soň ýene söweşdi. Haçan-da

galanyň içinde diri adam görünmänsoň, giň açylan derwezäniň agzynda ýekeje oguz – on iki-on üç ýaşlaryndaky oglan göründi. Ol garry, onda-da juda garry enäni arkasyna hopba edip barýardy. Mongollar ony görüp haýran galdylar.
Älemi Sarsdyryjynyň gyýtmak gözleri bolup geçýän zatlaryň ählijesini görýärdi. Hemem enäniň ýurduny – öz nesil siňdiren topragyny hamraklyk bilen gorandygyna tolgunýardy.
«Ile-güne çörek berjek, edermen ogullary şeýle eneler dünýä berýär».
Haýsydyr bir mongol serkerdeleriniň biriniň, sary ýaýyny oglana tarap gönükdirmegi hany pikirinden daşlaşdyrdy.
Degmäň, ol uly dünýäni arkasyna alyp barýar. Dünýä ýaşaýşy alyp gelen ene öz getiren ýaşaýşyny iki eli bilen goramalydyr.
Bir döwürler owazasy ýedi yklyma dolan, üstünden niçeme kerwenlerdir ötegçini ötüren, derwüşleriň aýak tozuna baslygan yslam şäheri – Şähryslam syndy. Onuň ählije zady – nijeme ýyllaryň dowamynda apalanyp saklanan genji-hazynalary, akmaýadyr boz arwananyň süýdüne garylyp ýasalan altyn tabaklaryň bary talandy.
Şäher owadanam bolsa, onuň perzentleri sowlansoň, ol haraba ýaly bir zada öwrüljek ekeni. Şol gün ýeke kalby päk adamlar däl, megerem, it-guşlaram uzakly gije nalyş edip aglandyr.
Indem ol otlanmaly. Bu asmany sarsdyryjy Beýik Kaganyň permany. Ony hemme kişi – diri gezip ýörenleriň bary ýerine ýetirmeli. Bu ýazylmadyk, ýöne ýerine ýetirmeli ýowuz kanun.
Dek düýn şol perman ýerine ýetirilmedi. Bu görlüp-eşidilmedik zatdy. Hanyň buýrugy nire, ýerine ýetirmezlik nire? Oňa Älemi Sarsdyryjynyň özi haýran galdy. Eger ol kişi iki tarapyny deňlän Jelaletdin ýaly mert är bolsa, onda beýle bir geň görülmese-de, geň görülmezdi. Sebäp ol şonuň üçinem ata çykypdy. Häzirki boýun synmadyk ýönekeý ýaş atbakardy. Başga bir wagt bolan bolsa, Kagan keýp edip, onuň oňurgalarynyň dükürdisine diň salardy. Ýöne näme üçindir ol häzir sesini çykarmady.
– Moritony (mongol dilinde atbakar diýmek ö.ý.) getiriň.
Şol dem atbakary naýzanyň ujuna mündürip diýen ýaly alyp geldiler. Ýaş atbakaryň ýüzi kokuşyp durdy. Onuň abat ýeri ýokdy. Iki sany ýaşyl siňek ganjaryp duran ýaralary birsyhly dyrmaýardy. Atbakaram olary kowjak bolup biderek kösenýärdi.
Adyň näme?
Atbakar başyny galdyrman jogap berdi.

Gähel…
Sen, atbakar, günäňi bilýäňmi?
Atbakar sesini çykarmady. Ýöne ol özüniň günäli däldigini bilýärdi. Şonuň ýaly günäsi bolmasa-da, ujuz sypmajagynam bilýärdi.
Aslynda, atbakar günäli bolubam biljek däldi. Sebäbi ol şu ýaşanja ömrüni atlar bilen höwrügip geçiripdi. Ata ýaran bolan kişem günä işlerden daşda gezmeli. Sebäbi günäli adama at köňlüni bermeýär. Bu sözleri garry atasy birwagtlar, heniz atyň ýalyny elläp görmänkä onuň gulagyna berk guýupdy. Şondan bärem ol atlary gowy görüp gelýär. Ine, bu gün bolsa ol atlary gowy görýänligi üçin günäli, onda-da uly günäli.
Atlary gowy görýän adam günäli bolsa, onda…, onda günäsiz kimkä?
Uzak ýörişden ýadan goşun Şährihaýbaryň golaýynda düşledi. Uzakda gylýal sürüsi otlaşyp ýördi. Sürä gaty garran, agras tohum at eýeçilik edýärdi. Ol uzakdan gelýän del atlaryň ysyna gabanjyrap, ýaş tohum baýtala – owadan mele gunana aýratyn yhlas edýärdi. Käýarym-käýarymam süňňi bir ýowuzlygy syzýan ýaly, agyr goşuna tiňkesini uzak wagtlap dikýärdi. Şonda onuň owadan gözleriniň gyrasynda saklanyp galan mähremlik hasam aýdyň görünýärdi. Ýene imisalalykdygyny bilip, ýaşynyň aňyrrak gidenligine garamazdan, törpi ýaly dili bilen mele gunanyň ösgün ýallaryny delmuryp daraklaýardy.
Mele gunanyň garaýşam dostluklydy. Olam owadan gözlerini barha gartaşýan agras ata dikip, uzak wagtlap durýardy. Şonda onuň ünjüli gözleri bir zatlary syzýan ýaly galagoplanýardy.
Haçan-da höwür at gussaly söýgi bilen agyr kellesini sagrysyna atanda, mele gunan hoşroý sesli çalaja, owazlanyp kişňeýärdi. Tohum atam oňa jogap edip, şeýle kişňeme bilen kişňäp, gözlerini süzýärdi.
Ömür kowha-kowdur ýethä-ýetiň yzynda kowalaşyp ýören mongol goşuny – agyr goşun sähralaryň göwsünde dörän bu ajaýyp gözellige nebsewürlik bilen seredişýärdiler. Hemem olar bedew atlaryň ynsana golaý bolan ýene bir häsiýetini – garry tohum atyň süriniň içinde ala-böle ýaş gunana ysnyşyşyny görüp haýranlar galýardylar.
Bu bolup geçýän zatlaryň ählijesini agyr goşun bilen bile Dünýäni Sarsdyryjynyň özem gyýtmak gözleri bilen görýärdi. Onuň geplemän oturyşy tebigatyň ýazylmadyk kanuny hakda pikir edýän ýalydy.

Haçan-da sörtük şemal gylýallaryň sähralarda ýitip gidýän nalyşly sesleri bilen bile olaryň sagrysyndan gelýän buzgunç ysy burunlaryna kaklyşdyranda, goşun özi bilmezden agyr dymdy. Bu atyň sagrysyndan gelýän eziz ys olara – ömür-ha ýalaňaç at münüp ýören mongollara çagalykdan tanyşdy. Şonuň ýalam ol öz mähriban ojaklary ýaly ezizdi. Mährem ysy alan goşun gozgalaň tapan ýaly boldy. Olaryň boluşlary uruşdan, beýlekiden bizar bolup, kürenlerine tutdurybererli görünýärdi. Olar biri-birine neresse çaganyň garaýşy bilen dözümsiz seredişdiler. Gussaly pyşyrdy bilen pyşyrdaşdylar. Soňam, dilleşen ýaly, sähralaryň asman bilen birigýän ýerine – uzaklara seretdiler. Uzaklyklaryň bary birmeňzeşdi. Şolaryň aňyrsynda her kimiň öz obasy – küreni bardy. Häzir olaryň, gör, nirelerde galan öýleri, bala-çagalary ýatlaryna düşýärdi.
Olar uzak illere ýöriş etmäge hyýallananlarynda, köpügören goja mongollar gözlerini ýaşdan dolduryp, öz ilen-çalanlaryna şeýle sözleri aýdardylar:
– Siz mongol sähralaryndan uzaga gidersiňiz. Haçan-da öýüňiz – küreniňiz ýadyňyza düşende uzaklyklara serediň. Uzaklyklaryň bary birmeňzeşdir, olaryň aňyrsynda hemmeleriň öz obasy bardyr…
Şol eziz ys Kaganyňam burnuna kaklyşypdy. Şonuň üçin olam gözüniň öňüne gelip-geçýän, müdimilik aňynda ýaşap ýören mongol sähralaryndan – Altyn Onandan, Mawy Kerulandan, ýene birtopar oglanlykdan beýnisinde galan mähremliklerden aýrylyşyp bilmän otyrdy. Oturdygyça, ah çekilýän sesler, ýene kimdir biriniň düýşürgeýän sesi gelýän ýaly bolýardy.
Eger goşunyň içinden ýaş bedew at sähralyga – mele gunandyr höwür atyna tarap gaýtmadyk bolsa, han entegem gussa baglap oturardy. Ýöne nebsine haý diýip bilmän, turşusyny depesine çykaran mongol atynyň öňünde höwür atyň – oguz atynyň keserip durmagy mongol urşujylarynyň tüýsüni üýtgedip, basybalyjylykly duýgusyny oýardy. Kimdir biri eýýäm sary ýaýyň okuny atybam ýetişdi. Ýene birem öz dilinde bir zatlar-bir zatlar diýip sögündi.
Mongol atynyň bolup gelşi göz-görtele äsgermezçilikli kemsidilmedi. Ýöne höwür at öte garranam bolsa, oguz atydy. Guýrugyny ýamzyna gysyp, bir gyra sowlarly däldi. Ol ilki halamaýandygyny duýduryp, seýrek sary dişlerini ýylçyratdy. Soňam agzyny hatap ýaly açyp, saýry ata rehimsiz topuldy.
Öň hiç hili garaw görmedik mongol aty, ýaşlygyna buýsanyp,

agzyny köpürjikletdi. Kelteden gelen ýognas aýaklary bilen gum peşedi. Buýsanjaňlyk bilen, dok sygryň molaýşy ýaly, ýogyn sesi bilen haýkyrdy. Soňam özüniň keltejik, ýöne ýop-ýogyn boýnuny süýndürip, birsyhly oguz atynyň aýagyndan agyz salmaga jyrjaşdy. Ýöne höwür atam per bererli däldi. Onuň bütin endamy köpürjikli gara suw boldy. Bu onuň soňky güýjüne gelendigini aýdýardy. Şeýdip, olar esli salym gemrişdiler. Soň ýene biri-birine toýnak salyp, şeýle ýagdaýdaka atlar näme edýän bolsa, şonam etdiler. Ýöne ne ol üstün çykdy, ne-de – bu.
Birden höwür ata däli güýç gelen ýaly boldy. Bilmedim, ýa-ha ol mele gunanyň naýynjar kişňemesinden şeýle boldy, ýa-da namys oňa kuwwat berdi. Ol ýaýbaň döşi bilen dabyrap, tas saýry aty aýagynyň aşagyna alypdy.
Beýle zada garaşmadyk mongol aty aç-açan ýöwseljiräp ugrady. Soňam zut gaçdy. Edil şol pursadam agyr goşunyň içinde gykylyk gopdy. Yz ýanyndanam birnäçe peýkam höwür ata tarap gezeldi. Höwür atyň entegem gahary köşeşmändi, ol gaçyp giden mongol atynyň yzyndan esli salym kowalady. Şo-da ony peýkam okundan halas etdi. Bu kiçijek söweşem bolsa, uly ýeňişdi.
Bolup geçýän zatlaryň bary Älemi Sarsdyryjynyň gyýtmak gözlerinden sypanokdy. Şonuň üçin ol tüýsüni üýtgedip, erbet gaharlandy. Sebäp uly urşuň öňüsyrasynda mongol atynyň ýeňlip gaçmagy ters ýorgutdy.
Atbakara aýdyň, goý, ol owadan mele gunan bilen mongol atyny bir ahyrda goýsun. Şöhratly ýollary geçen mongol aty şoňa mynasypdyr.
Atbakar Gähel Kaganyň aýdanyny aýdyşy ýaly etdi. Mele gunan göwnemese-de, ony mongol aty bilen bir ýerde gabap goýdy. Ana, şol gündenem adam oglunyň hiç haçan ýadyndan çykmajak owadan rowaýatyň başy başlandy.
Mongol aty bilen owadan mele gunan bir ahyryň içinde goýlanam bolsa, erteki otarylybermedi. Mele gunan ysnyşmag-a däl, mongol atyny golaýyna-da getirenokdy. Onuň şeýle boljagyny Gähel atbakar hökmünde aňýardy. Ýöne sesini çykarmaga gorkup, diňe gözlerini ýaşlaýardy.
Indi her gün mongol aty bilen oguz aty uzakly gün çörňeleşip geçýärdi. Atbakar her gezek olaryň otuny-suwuny täzelemäge baranda, mele gunanyň öte horlanýandygyny görýärdi. Şonuň ýalam ol onuň nazaryndan şeýle sözleri okaýardy. «Erkim sizde-de bolsa, örküm başga birinde».
Sähel wagt tapdygam ol, höwür atyny küýsegläp, gamgyn

kişňeýärdi. Sähralardanam edil şonuň ýaly ýitip gidýän kişňeme eşidilýärdi. Ol hasam zaryndy. Bu iň aýylganjydy. Şonuň üçin atbakar gürlemän düşündirýän gözleri görmejek bolýardy. Ýöne bialaç gamgyn kişňemäni eşitmeli bolýardy. Mele gunan indi uzakly gün ýüregiňi paralap, zarynlyk bilen başyny yrap kişňeýärdi.
Kişňeme şeýle bir zaryndy, şeýle bir ýürek paralaýjydy. Eger ol ses ugur bilýän sazandanyň gulagyna kaklyşaýsa, «Duran ýerinde saz döredipdir» diýseler, geň görüljek däldi. Sebäp ony eşiden özüniň bolup ýörşüne däl-de, uly dünýä nebsini agyrtjakdy.
Şeýdip olar üç gün ýaşadylar. Her gezek mongol aty süwümsizlik bilen mele gunana golaýlanda, oguz aty ony jübüt toýnak bilen garşy alýardy. Muňa gahary gelip, mongol aty hem depýärdi, hem gapýardy. Ýöne bary bir diýeni bolubermeýärdi. Atbakaryň bolsa şol mele gunan bilen bile aglap ýörşüdi. Etjegi bolmansoňam, hersi ýürege salnan ýarany özüçe göterýärdi.
Dördülenji gün atbakar olaryň ahyryna baranda, gözüniň gören ahwalatyna ynanmady. Mele gunan bu külpetli toprak bilen ymykly hoşlaşýan ýaly, iki öňki aýagyny giňden açyp, dünýä ahmyrly garap ýatyrdy. Ýöne entek ol gowgasy ýetik ýalançy bilen doly hoşlaşaýmandy.
Gähel özüniň aglanyny bildirmejek bolup, ýagdaýy hana mälim edende, Çingiz han, tötänden uçran täzeligine haýran galyp, tebibi çagyrmagy buýurdy.
Ençeme çarşenbäni başyndan geçiren, garrylykdan ýaňa äňi dyzyna ýetip duran hytaýly tebip ho entegem aglap duran owadan gözlere seredip, pessaý gepledi.
At namysdan aglaýa. Ol oňa çydam edip bilenok…
Çingiz han ör-gökden geldi. Ýöne ol syr bermän, gaharly gepledi.
Däri-derman et-de, garysyna galdyr…
Han ömründe köp zatlary – bir adamyň ömründe görmeli-eşitmeli zatlarynyň baryny artygy bilen, bolmalysyndanam kän görüpdi. Ýeke bir görmek däl, çaýkanyp duran däli dünýäniň içinde terslin-oňlyn kän entäpdi. Ýöne ol henize çenli atyň namysa çydaman gözlerini balkyldadyp ýatanyny ilkinji ýola görýärdi. Bu täsindi, şonuň ýalam ajaýypdy. Şonuň üçin ol tebibi ýene gyssady.
– Çakganrak bol-da, çaltrak gutar.
Tebip geplemezinden ozal, salparan dodaklaryny müňküldetdi,

soňam agzyndan şeýle sözleri çykardy:
– Beýik Kagan, onuň derdi ot-çöplük däl…
Han gyýtmak gözlerini ýüzüni aşak salyp duran tebibe gönükdirdi. Bu onuň çaltrak gürle diýdigidi.
– Onuň ýaranyny ýanyna getirmeli… Bu kesel namysjaň bedew atlara mahsus bolan gussaly agyr duýgy. Oguz atlary, öz küýseglisi bolmasa, arkasyny sypanyň bilen, pişik ýaly myrlamaýar.
Hanyň bilesigelijiligi hasam artdy.
– O nähili beýle, men ömrümde köp atlary mündüm. Ýöne olar namysdan däl-de, ýaragdan heläk bolýardylar.
Tebip Çingiz hana däl-de, özi özüne gürrüň berýän ýaly gepläp başlady.
– Bu topragyň eýesi atyndan, aty eýesinden namysjaň. Ol ata-baba gandan-gana geçip gelýär. Bedew atlar oguz ili üçin Kuýaşyň nury. Şonuň üçin olar söweşde, özleri geýmän, ilki atlaryna demir don geýdirýärler.
Soňra bolup geçen ahwalata atyň daşyny gallap duran adamlaram, Beýik Kaganyň özem haýran galdy. Olaryň gözleri hiç bir zatdan gypynç etmän, göni özlerine tarap gelýän höwür ata düşdi. Höwür at mele gunanyň deňinde saklanyp, üýşüşip duran adamlara gussaly gözlerini aýlady. Soňam öz ýaranyny ysgaşdyryp, arkasyny oň arkasyna ýaplap, ýanynda ýatdy. Bu görnüşde ol öz teniniň ýylysy bilen mele gunany ýyladyp, güýç-kuwwat berýän ýalydy. Olar şeýdip – ýanaşyp biri-biriniň teniniň ýylysyny duýup, esli ýatdylar.
Adamlaram, Beýik Kaganyň özem, lal açan dünýe bilen ylalaşyp, «soňy nähili borka» diýýän ýaly, höwür atyň damarlarynyň güýçli tirsildisine hemem mele gunanyň lälezar gözleriniň barha şöhlelenişine seredişýärdiler.
Han dogduk topragyň derde em bolşy hakynda eşidipdi. Ýöne ol teniň teni halas edişini ilkinji ýola görýärdi. Şonuň üçin bu täsin ahwalata gözüni gyrpman seredýärdi.
Soň höwür at ýerinden galyp, gussa bilen ýöräp ugrady. Mele gunanam onuň yzyna düşdi. Honha indem olar, owadan düýş ýaly, öz önüp-örňän ýerlerine – sähralaryň asman bilen birigýän ýerine gidip barýarlar, olar ne gylyçdan gypynç edýär, ne-de galkandan.
Olaryň gowgasy ýetik tukat dünýäniň göwsünde gözellik döredip barşyny ýeke han däl, hemmeler görýärdi. Bu, uly hasratyň öňüsyrasy ýagan ýaz ýagşy ýaly, hemmäniň kalbyny täzeläpdi.

Atbakaryň bolsa gözleri ýaşlydy. Onuň aglap berýän gürrüňlerini hanyň sene ýazyjysy üns berip diňleýärdi. Sene ýazyjynyň ünsli diňlemegi haçandyr bir wagt bu görgüsi ýaman toprak hakda, namysjaň oguz aty hakda bir zatlar ýazjaga meňzeýärdi.
Kaganyň sene ýazyjysynyň ol barada ýazany ýa ýazmany belli bolmady. Ýöne köp-köp ýyllardan soň şol töwereklerden bir gamçy tapyldy. Onuň sapy dünýäniň iň berk agajy bolan tuwa agajyndandy. Ýöne haýran galdyrýan zat sapynyň berkligi däldi-de, onuň ýüzündäki biri-birine maňlaýyny degrişip duran iki sany atyň şekiliniň barlygydy. Sapyň ýüzünde-de oýulyp ýazylan şeýle sözler bardy: «Men öz bimany ömrümde atlary taryplap köp ýazdym, ýöne oguz atynyň tarypyny ýazmaga galamym ejiz geldi».
Köne ýazgynyň aşagynda ondanam köne ýene bir ýazgy bardy. Ony okamak kynam bolsa, garaz, seljermek başardýardy: «Ata höwrügen adam günäden daşdadyr».
Bu kitapdy. Onda-da küti kitapdy.
Bolup geçen ahwalat hany oýlandyrýardy. Olaryň hana ýaraýanam bardy, ýaramaýanam. Ýaraýany bedew atlaryň wepadarlygydy. Ýaramaýany atbakaryň gözýaşydy. Başga biri bolanda, ol bireýýäm kokunyny iýerdi. Ýöne oňa atbakar gerekdi. Özem şunuň ýaly atlaryň diline düşünýäni gerekdi.
Beýik Kagan sag bilen samsygyň ekilip alynmaýandygyna düşünýärdi. Atbakaryň üýnem edil atyňky ýalydy. Ony gören badyna, han ilki şony aňypdy.
Älemi sarsdyryjy agyr oýlardan soň, söweşde gözýaş edenligi sebäpli, atbakary günäli bilip, her synasy üçin jübüt gamçy urmaly etdi. Höküm şol dem berjaý edildi. Geň zat, atyň halyna dözmän aglan atbakar gamçynyň awysyna gözünden nemem çykarmady.
— Bu ymaratlary haýsy ussaň näwagt sünnäläp kemala getirenini hiç kim ýatlamaýar. Ýöne ony ýumrany dünýä bilýär. Bu betbagt, ýalançy dünýäniň ýalňyz hakykaty. Sen mariton, adyň ebedilik ýaşar ýaly, şäheri otla. Goý, seniň adyň äleme äşgär bolsun…. Goý, ýönekeý atbakar şeýle owadan şäheri otlapdyr diýsinler…
Han sözüni soňlap-soňlamanka, Gäheliň eline lowlap duran ýagly letdäni tutdurdylar. Atbakar nämä garaşsa-da, «günäsiniň» şeýle ýowuz muzduna garaşmandy.
«Şeýt diýlenden-ä, «Ýagty jahan bilen hoşlaş» diýilse, müň paý gowy».
Atbakar öz eli bilen otlamaly galasyna seretdi. Galanyň

synasyna zeper ýetenem bolsa, onuň şol öňki owadanlygydy.
Honha depesinde bir guş höwürtge edinibem ýetişipdir. Megerem, ol sähra guşudyr… Gäheliň gözüne ol – Şähryslam galasy şu gün hasam owadan ýaly bolup göründi.
Bu külpetli toprak özünde şeýle owadan ymaratyň gurulmagyna kän ýyllar garaşandyr. Ahyram kimdir biri ony gurandyr. Indem ol otlanmaly. Birden onuň gulagyna atyň kişňeýän sesi gelen ýaly boldy. Atbakar gözüni gorkuly açyp, alawly elini yza çekdi. Yzdan ilki hümürdi, soňam gaharly ses eşidildi.
– Ýakmasaň, özüň ýanarsyň…
Gähel entegem geň ahwalatdan açylyşyp bilmän, alasarmyk duýgyny başyndan geçirýärdi. Indi ol, atyň kişňeýän sesinden başga-da, gara galpakly oglunyň owadan ýüzli aýalynyň ýüzüni görýärdi. Hol beýlede garry atasam oňa seredip, çal başyny yrap duran ýaly…
Soňky bolup geçen zatlary onuň özem bilmedi. Bar ýadyna düşýäni elindäki alawy hana tarap zyňany hemem boş duran ata atlanany. Ýene bir bilýän zadam şuwwuldap atylýan peýkam oklaryndan ujuz gutulany.
Atbakar Gähel atyň ýüzüni daga tarap tutdurdy. Daglar uzakdan göm-gök bolup görünýärdi. Atbakaram daglarda önüp-ösüpdi. Şonuň üçin olar, garadaşam bolsa, häzir ezizdi.
Gähel belent gaýanyň depesine çykyp, ilki uly dünýä seretdi. Soňam ýaşly gözlerini burugsap duran şähere dikdi. Taryhy proza